# Doganlarym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Doganlarym DOGANLARYM



Ýeke galyp bolmaz ýekelik isläp,
Ýokardan tutdursaň gelerler pesläp,
Içgysgynç dünýäňi şatlyga beslär,
Doganlaryň.
Barmagyň kesilse yzasyn duýar,
Dert goýmaz, süýjülik paýyňy goýar,
Ýamanyňy ýapyp, ýagşyňy ýaýar,
Doganlaryň.

Akyl bermez, diňlär, ýüregiň gyssa,
Kalbyňda ýer galmaz gam bilen gussa,
Seni dünýä salýan ýonagçy ussa,
Doganlaryň.

Ene-ataň miras goýan zürýady,
Ara tow düşse-de bolmaz oň ýady,

Ynsan üçin kalba ýakyn zyýady,
Doganlaryň.
Neneň ajap bolýar bary üýşende,
Şat günler ýatlanar, telek işiň-de,
Janyň ýanmaz seň üstüňden gülşende,
Doganlaryň.

Allam dogan berýär juda ýalkanda,
Seni ýeke goýmaz ömür halkaňda,
Başdan soňa çenli durjak arkaňda,
Doganlaryň.

Ahmet ARAZOW. Goşgular